# Kuran we Sünnet saýasynda namazyñ ähmiýeti.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.

Bir kişiniñ Kelimeti-Töwhidi aýdyp musulman bolanyndan soñra oña parz bolýan ikinji we iñ möhüm zat bäş wag namazdyr. Çünki namaz Yslamy aýakta tutan sütündir. Eger ol sütün bolmasa din hem bolmaz. Namaz musulman bilen kapyryñ arasyny aýyrýan iñ möhüm zatdyr. Namaz nurdyr we imanyñ alamatydyr. Namazyñ Yslamdaky ýeri bedendäki baş ýalydyr. Namazy taşlan kişi kyýamat gününde kapyrlar bilen bile boljakdyr. Bir kişi namazyñ gadryny bilip oña ähmiýet berýän bolsa, Yslam dini hem ol kişä şol derjede gymmatly we ähmiýetli diýmekdir. Dinimiz Yslam namaza gaty ähmiýet bereni üçin Allah Tagala bendelerine adaty wagtda (ikametde), ýolagçylykda, hassalykda hatda söweşde hem namaz okamagy parz edendir.

Allah Tagala ähli buýruklaryny Pygamberimiz sallallahu aleýhi we selleme Jebraýyl perişdäñ üsti bilen ýerde wahyý edendir. Emma namazy Allah Tagala ýedi gat asmanyñ üstünde parz edýär. Bu waka meşhur Isra we Miraç gijesinde bolup geçýär. Bu barada Allah Tagala Isra süresiniñ 17/1 aýatynda Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemi öz gatyna ýedi gat asmanyñ üstüne göterendigini habar berýär. Sahyh Buharide geçen hadysda Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem Isra we Miraç gijesinde bolup geçen uzyn wakany aýdyp berýär.

Bu kyssany gysgaça ýatlap geçsek, Jebraýyl perişde Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemi Burak diýilýän atdan kiç eşekden uly bolan ulag bilen Mesjidi-Aksa äkidýär we ol ýerden Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem ýedi ga asmana çykarylýar. Asmanyñ her bir gatynda Pygamberlerden biri bilen görüşýär. Ýedinji gat asmandan soñra Pygamberimiz sallallahu aleýhi we selleme käbir zatlar görkezilip, Allah Tagalanyñ özi Jebraýylsyz göni Pygamberimize we ymmatyna elli wagt namaz kylmagy parz edýär. Haçanda ol yzyna gaýdanda altynjy gat asmanda Musa aleýhis salam Oña: Git Robbiñe ýalwar namazyñ wagtyny azaltsyn! Çünki men senden öñ gelip-geçdip we ynsanlary gowy bilýärin ymmatyñ elli wagt namazy kylyp başarmazlar diýýär. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem Allah Tagaladan namazyñ azaldylmagyny dileýär we kyrka düşürilýär. Yzyna gaýdyp barýarka ýene Musa aleýhis salam oña namazyñ azaldylmagyny dile diýýär. We ýene namaz azaldylýar we bu waka bir näçe gezek gaýtalanandan soñra, iñ soñunda namaz bäş wagta düşürilýär. Şeýdip musulmanlara bäş wagt namaz parz bolýar. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem bu barada: **“Namaz Miraç gijesinde elli wagtyna parz edildi. Soñra bäş wagta düşürildi. Soñra Allah Taga Eý Muhammet Meniñ gatymda söz (hököm) üýtgemez. Şonuñ üçin bu bäş wagt namaza elli wagt namazy sogaby bardyr, diýýär.”** *(Tirmizi, Nesai)*

Namazyñ ähmiýetini görkezýän ikinji mysalymyz bolsa, Allah Tagala hatda söweşde hem namaz kylmagy musulmanlara parz edýär. Bu barada Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **“Eý Muhammet! Haçanda sen mü'minler bile (söweş meýdanynda) olara ymam bolup, namaz okamakçy bolsañyz, olaryñ bir topary ýaraglanan ýagdaýda siz bilen namaza dursunlar. Sežde edeñden soñra (ýagny namazyñ bir rekatyny bolanyñdan soñra) arkañyza baryp (sizi gorap) dursunlar we heniz namaz okamadyk başga bir topar gelip, siziñ bilen namaz okasynlar.”** *(Tewbe 9/102)*

Fykh kitaplarymyzda bu namaz gorky namazy bölüminde ýatlanyp geçilýär. Musulmanlara nähili ýagdaýda bolsalarda namazy taşlamagy gadagandyr. Diñe ýolagça we söweş, ýangyn ýaly howuply ýagdaýda galanlara diniñ öwredişi ýaly namazy gysgaltmaga rugsat berilýär.

Namazy okaman ýören we özüne musulman diýýän kişi, bu iki mysalyñ üstünde gowy pikirlense özüniñ namazy taşlamak bilen nä derejede azyp ýörenligini görer inşAllah.

**Namazyñ fazileti we ähmiýeti baradaky aýatlar.**

1- Allah Tagala aýatda Pyagmberimiz sallallahu aleýhi we selleme sabyr bilen namaz kylmagy we maşgalasynada namazy

öwretmegi buýurýar:

“**Maşgalaña namaz kylmagy buýur, özüñ hem sabyr bilen namazy kyl! Biz senden ryzk islemeýäris, gaýta biz saña ryzk berýäris. Akybet takwalaradyr.**” *(Taha 20/132)*

“**Robbiñ üçin namaz kyl we gurbanlyk kes.**” *(Kewser 108/2)*

2- Allah Tagala musulman gullarynyñ namaz kylýandyklaryny habar berýär:

“**Olar gaýba iman ederler we namaz kylarlar, özlerine ryzk edip beren zatlarymyzdan (haýyr işlere) harçarlar.**” *(Bakara 2/ 3)*

3- Namaz bozukluk we ýamanlykdan saklar:

Allah Tagala aýatda şeýle diýýär: **“Saña Kitapdan (Kurandan) wahyý edileni oka we namazy doly berjaý et! Elbetde namaz bozukluk we ýamanlykdan saklar. Allahy zikr etmek (ýatlamak) ähli zatdan beýikdir..... ”** *(Ankebut 29/45)*

Namaz biziñ diñe bir ahyrýedimiz üçin peýda bolman, eýsem bu dünýämiz üçin hem uly peýdadyr. Namazyñ musulman kişiniñ durmuşyna uly tasiri bardyr. Şonuñ üçin Uly alym Ibn Kaýýim rahimehullah*Zädul-Meäd* atly eseriniñ, *Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemiñ hadyslaryndaky dermanlar we iýmitler* atly bölüminde, namaz barada aýdyp şeýle diýýär: **“ ...Namaz ryzky çagyrar, saglygy gorar, bela-beteri giderer, dertleri kowar, kalby güýçlendirer, ýüzi agardar (nurlandyrar), nefsi rahatladar, ýaltalygy giderer, gursagy açar, ruha iýmit berer, kalby nurlandyrar, nygmatlaryñ dowamly bolmagyna, azabyñ gitmegine we bereketiñ gelmegine sebäp bolar, Allaha ýakynlaşdyrar. Umaman ynsanyñ bedenine we kalbyna erbetlik edip biljek zatlardan goramakda namazyñ gaty geñ täsiri bardyr.”** *(Ibn Kaýýim el-Jewziýýe, Zädul-Meäd)*

Elbetde ybadatyñ bu derejede täsirli bolmagy üçin çyn ýürekden bir Allah üçin huşu bilen we Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemiñ sünnetine laýyklykda okalan namaz bolmalydyr.

4- Allah Tagala kapyrlardan we müşrüklerden bolmazlyk üçin Özüne boýun bolup, takwalyk edip namaz okamagy buýurýar:

“**Ytagat bilen Oña (Allaha) ýöneliñ, Oña garşy gelmekdengorkuñ we namaz kylyñ, müşrüklerden bolmañ.**” *(Rum 30/31)*

“**Uruş gadagan edilen aýlar geçenden soñ, müşrükleri gören ýeriñizde öldüriñ, (ýesir) alyñ, gabañ we olary ähli ýerde göz astyna alyñ! Eger toba edip, namazy doly berjaý etseler, zekaty berseler, ýollaryny kesmäñ! Elbetde Allah geçirimli, mähribandyr.**” *(Tewbe 9/5)*

5- Dünýäde namaz okamadyklara kyýamat güni sežde ediñ diýilende, gorkudan gözlerini dikip, sežde edip bilmezler:

Allah Tagala aýatda şeýle diýýär: **“....we ol gün (hasap-kitap gününde) olary sežde etmäge çagyrylanda, olar sežde edip başarmazlar.........emma olar dünýäde sag-salamat gezip ýörkäler seždä (namaza) çagyrylýardylar.”** *(Kolem 68/42-43)*

Elbetde dünýäde seždä gelmedikler üçin kyýamatda-da sežde edip başarmazlar!

6- Namazy taşlamak ynsanlaryñ dowzaha girmeklerine sebäp bolýar:

Allah Tagala aýatda şeýle diýýär: **“Olara (dowzahylara): sizi bu sakara (ataşa) salan näme boldy diýilende. Olar: biz dünýäde namaz kylanlardan däldik, diýerler.”** *(Müdessir 74/42-43)*

Aýatda: **“Olardan soñra namazy taşlan we şehwetlerine (haý-höwäslerine) eýeren nesil geldi. Olar<u>gaýa</u> duçar bolarlar.”** *(Meryem 19/59)*

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemden gaý näme diýip, soralanda. Jähennemiñ düýbündäki guýy, dowzahylaryñ iriñleri oña akar diýip, aýdýar. *(Taberäni, Kebir. El-Heýsemi, Mejmauz-Zewaid)*

7- Namaz kylmazlyk kapyrlaryñ waspydyr:

Allah Tagala aýatda şeýle diýýär: **“(Ol kapyr) tassyk (iman) etmedi we namaz kylmady. Beter ýalanlady we ýüz öwürdi.”** *(Kyýamat 75/ 31-32)

**Namazyñ fazileti baradaky hadyslar:**

1- Yslamyñ Kelimeti-Töwhitden soñra ikinji buýrugy namazdyr:

Meşhur Jibril hadysynda Hezreti Omar radiallahu anh şeýle diýýär:**"Bir gün biz Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemiñ ýanynda otyrdyk. Birden ap-bak eşikli, gap-gara saçly bir adam peýda boldy. Üstünde uzak ýoldan gelýän ýolagçynyñ alamaty ýokdy we ol bize nätanyşdy. Gelip Pygamberimiziñ garşysynda dyzyny onuñ dyzyna degirip, elini hem onuñ dyzyna goýup oturdy. We: Eý Muhammed sallallahu aleýhi we sellem, maña Yslamyñ nämedigini habar ber, diýdi. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem: Bir Allahdan başga hak ilä ýokdugyna we Muhammed sallallahu aleýhi we sellemiñ onuñ Resulydygyna şaýatlyk etmek, namaz kylmak, zekat bermek, oraza tutmak we başarsañ käbä haja gitmek, diýdi...."** *(Buhari, Fethul-Bäri Şerhi, 1/144. 8/513, Muslim, Newewi Şerhi, 1/164)*

2- Binamazyñ dini ýokdur:

Ibn Omar radiallahu anhdan, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy:**"...Namazsyzyñ dini ýokdur. Şübhesiz namazyñ dindäki ýeri, göwredäki baş ýalydyr."** *(Taberani, Ewsat 3, 154, Sagyr 1, 60-61)*

3- Namaz diniñ sütünidir:

Abdullah bin Omar radiallahu anhyñ rowaýat eden hadysynda, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýýär **"Yslam bäş zadyñ üstüne bina edilendir. Allahdan başga hak iläh ýokdugyna we Muhammed sallallahu aleýhi we sellemiñ Allahyñ Resulydygyna şaýatlyk etmek, namaz kylmak, zekat bermek, oraza tutmak, ýagdaýy bolanlar haja gitmek."** *(Buhari 1/49, Muslim 1/176-177)*

Muaz bin Jebel radiallahu anhdan, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi:**"Işiñ başy Yslamdyr. Sütüni namazdyr we iñ beýik ýeri Allah ýolunda jihat etmekdir."** *(Tirmizi/Iman: 5/11, 2616, Ahmed/ 5/231,237)*

Ýokarda-da belleýişimiz ýaly namaz diniñ sütünidir, kim namaz kylsa ol sütüni berjaý eder. Kimde-kim namazy taşlasa ol sütüni ýykdygy bolar.

4- Iñ sogaply we fazyletli amal wagtynda okalan namazdyr:

Abdullah bin Mesud radiallahu anh şeýle diýýär:**"Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemden iñ fazyletli/üstün amal haýsy diýip, soradym. Ol: Wagtynda kylynan namaz, diýdi. Soñra haýsy diýdim. Ol: Ene-ata ýagşylyk etmek, diýdi. Soñra haýsy diýdim. Ol: Allah ýolunda jihät etmek, diýdi."** *(Buhari: 7534, Muslim: 85)*

5- Musulman kişiden kyýamat güni ilkinji soraljak zat namazdyr:

Ebu Hureýre radiallahu anhdan rowaýat edilýär, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi:**"Kyýamat güni musulman kişiniñ ilkinji hasaba çekiljek zady parz namazlarydyr. Eger doly** (bir kemsiz kylan) **bolsa, doly diýip hasaplanar. Eger kemi bar bolsa, (**Perişdelere) **görüñ ol kişiniñ nefil** (sünnet) **namazy barmyka diýiler. Eger nefil** (sünnet) **namazlary bar bolsa, parz namazyndaky kem ýerlerini, nefil namazlary bilen doldurylar. Soñra beýleki amallary hem edil şonuñ ýaly hasaba çekiler."** *(Ibn Mäje, Ikämetus-Salat: 1425, Ebu Dawud: 864 Elbani Sahihu-Ibnu Mäjede sahih diýendir)*

6- Bäş wagt namaz günäler üçin kefaratdyr:

Osman radiallahu anhdan, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi:**"Musulman adam gowy edip täret alyp namaz kylsa, Allah Tagala onuñ namazy bilen indiki kyljak namazynyñ arasyndaky (günälerini) bagyşlar."** *(Muslim: 237)*

Jabir radiallahu anhdan, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi: **"Bäş wagt namazyñ mysaly, sizden biriniñ gapysynyñ öñünde akýan we bäş wagtyna ýuwunýan çeşmesi ýalydyr."** *(Muslim: 668)*

7- Musulmanyñ günäsi her namazynda döküler:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi:**"Biri namaz kyljak bolanda ähli günäleri getirilip onuñ eginleriniñ üstüne goýular we her ruku we sežde edende günäleri ýeke-ýeke döküler."** *(Ebu Nuaým)*

8- Namaz nurdyr we kyýamatda namaz okan kişiniñ öñüni nurlandyrar:

Ebu Mälik el-Eşari radiallahu anhdan, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi:**"...we namaz bir**

**nurdyr.....”** (Muslim: 223) Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemiñ Bilal radiallahu anha şeýle diýeni rowaýat edilýär: **“Ýa Bilal! Bizi namaz bilen rahatlat.**(ýagny azan aýt we biz hem namaz kylyp rahatlaly)” *(Ahmed 5/371, Ebu Dawud: 4976)*

9- Namazdaky her sežde derejäñi beýgelder we bir günäñi pozar:

Sewban radiallahu anhdan, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi: **“Köpüräk sežde et! Her sežde edeñde, Allah seni bir dereje beýgelder we bir günäñi pozar.”** *(Muslim: 488)*

Ebu Hureýre radiallahu anhdan rowaýat edilýär, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi: **“Kimde-kim öýünde täret alyp soñra Allahyñ parzlaryndan bir parzy kylmak üçin metjide gitse, bir ädiminde günäsi pozular, ikinji ädiminde bir dereje beýgeldiler.”** *(Muslim: 666)*

10- Musulmanlar üçin ýer ýüzi metjitdir:

Pygamberimiz Muhammed sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Ýer ýüzi meniñ üçin tämiz we metjit kylyndy. Ymmatymdan biriniñ namaz wagty nirde girse, şol ýerde namazyny kylsyn.”** *(Buhari: 335, Muslim: 521)*

11- Kapyrlykdan, şirkden gorap duran zat namazdyr:

Ebu Sufýan radiallahu anhdan, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Bir kişi bilen kapyrlyk we şirk arasyndaky zat namazy taşlamakdyr.”** *(Muslim: 82, Ebu Dawud: 4678, Tirmizi: 2619, Nesai: 465, Ibn Mäje: 1078)*

Jabir radiallahu anhdan, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Namazy taşlamak şirkdir.”** *(Abdurrezzak, Musannaf: 5009)*

12- Musulman bilen mynafygyñ arasyndaky tapawut namazdyr:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Biz bilen olaryñ (mynafyklaryñ) arasyndaky ähit namazdyr. Kim namazy taşlasa kapyr bolar.”** *(Tirmizi: 2623, Nesai: 1/231, Ibn Mäje: 1079)*

13- Bilkastlaýyn namazy taşlan kişi küfre düşendir:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Kimde-kim bilkastlaýyn namazy taşlasa, açykdan-açyk küfre düşendir.”** *(Tabaräni, Ewsat. Heýsemi, Mejmau-Zewaid, 1/295)*

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.

www.ahlusunnet.com